# Garly gijäniň ýatlamasy

Category: Goşgular,Kitapcy,Sözler
написано kitapcy | 25 января, 2025
Garly gijäniň ýatlamasy GARLY GIJÄNIŇ ÝATLAMASY

Gar ýagýar gijäni aklyga çümrüp,
Ak tozgalar zemin bilen öpüşýär.
Gursagymda süýji hyýallar dogrup,
Gar ýagsa, şol gije ýadyma düşýär.

Edil şunuň ýaly garly gijedi,
Şar gara tümlüge ak düşek ýazlan.
Öýden çykdy aşyk ýigdiň bijesi,
Öýden çykdy ertir maňlaýa ýazlan.

Hanha, indem siňip barýar tümlüge,
Ak garyň üstünde bir jübüt gara.
Olar nirä barýar?
Bu bir deňleme,
Sorama sen,
Diňe guwanyp gara!

Hemişe söýgini penalan buky
Goşa göwni basdy ýene bagryna.
Üşäp gyzarandyr ýaňaklar belki,
Emma ýalyn çowrar kalbyň törüne.

Ne-hä posa bardyr, ne suwjuk sözler,
Otly gözler süýji-süýji sözleşýär.
Ah, şeýle bir gürrüň edýär bu gözler,
Her bir demde söýgi bilen gözleşýär.

Olar ne-hä gar zyňyşyp oýnaýar,
Ne-de olar ylgaýar gar üstünde.
Çünki göreçlerde edep gaýnaýar,
Söýgi şeýle bolmalydyr aslynda.

Muňa söýgiň gözelligi diýip bor,

Hem diýip bor juda päkligi göwnüň.
Oglumyz eştmesin,
Eştse aýyp bor,
Şol jübütler ikimizdik-dä, gelnim.

**22. 01. 2011 ýyl** Goşgular